# Bu toprak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bu toprak BU TOPRAK

Kesewini dürtseň bagy-bossan bor,
Keramatly, keremlidir bu toprak.
Waspyn aýtsaň, dilde eser, dessan bor,
Kyrk çiltenli, erenlidir bu toprak.

Görä, ygşyldaşýar munda sünbüller,
Derelerde käkilikler, sülgünler,
Ýaýlasynda läle, bagda bägüller,
Bag-bossanly, eremlidir bu toprak.

Dag ýerinde belent-belent dagy bar,
Bag ýerinde ir-iýmişli bagy bar,
Gyzyl köz deý gülleriniň çogy bar,
Gülälekden kemerlidir bu toprak.

Göýä, daş ýüzüne çekilen keşde,
Dag göwsüni ýaryp, çogup dur çeşme,
Jülgeleri meňzär misli behişde,
Gözel zawly, kemerlidir bu toprak.

Baýyrlary bir-birinden beýikdir,
Dag etegi ýaşyl kürte geýipdir,
Ony söýen jandan geçip söýüpdir,
Muhabbetden heserlidir bu toprak.

Gurban GURBANOW. Goşgular